MAKUL HABAR

atawatanhabar@gmail.com ATAVATAN TÜRKMENISTAN MAÝ AÝYNYŇ 31-i, 2025. №21

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI "MERKEZI AZIÝA – ITALIÝA" GÖRNÜŞINDÄKI BIRINJI SAMMITE GATNAŞDY




Häzirki wagtda Italiýa bilen Türkmenistanyň arasynda syýasy-diplomatik gatnaşyklar ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda üstünlikli ösdürilýär. Italiýa Türkmenistanyň Ýewropada möhüm söwda hyzmatdaşlarynyň biri bolup durýar. Ýurtlarymyzyň arasyndaky özara söwda dolanyşygy ösüş depgini bilen tapawutlanýar.

Sammitiň öňüsyrasynda bu ýerde hormatly Prezidentimiz Italiýanyň Premýer-ministri hem-de Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti bilen ikitaraplaýyn duşuşyklary geçirdi.

Bilelikde surata düşmek dabarasyndan soňra, wekiliýet Baştutanlary mejlisler zalyna bardylar. Bu ýerde «Merkezi Aziýa – Italiýa» görnüşindäki birinji sammit geçirildi.

Gazagystan Respublikasynyň Prezidentiniň başlyklyk etmeginde geçirilen sammitiň işine Italiýa Respublikasynyň Premýer-ministri Jorja Meloni, Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow, Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew hem gatnaşdylar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sammite gatnaşyjylary mähirli mübärekläp, bu duşuşygyň Merkezi Aziýa döwletleriniň we Italiýanyň arasyndaky özara bähbitli hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrmaga uly goşant goşjakdygyna ynam bildirdi. Döwlet Baştutanymyz howpsuzlyk ulgamyna ünsi çekip, Türkmenistanyň bu möhüm ugra onuň bitewüligi we bölünmez häsiýeti nukdaýnazaryndan seredýändigini aýtdy. Hormatly Prezidentimiz sebit howpsuzlygy baradaky meselä geçip, Owganystandaky ýagdaýa aýratyn üns çekdi we Türkmenistanyň bu ýurduň häzirki häkimiýetleri bilen halkara dialogy ýola goýmak boýunça netijeli işleri geçirmegi dowam etmegi möhüm hasaplaýandygyny belledi.

Döwlet Baştutanymyz «Merkezi Aziýa – Italiýa» görnüşindäki ykdysady hyzmatdaşlygyň meselelerine ünsi çekip, energetika, ulag, senagat, maliýe we hususy pudaklary özara hyzmatdaşlygyň däp bolan möhüm ugurlarynyň hatarynda, sanly ulgam, «ýaşyl» tehnologiýalar we emeli aň ýaly ulgamlary bolsa hyzmatdaşlygyň täze ugurlarynyň hatarynda belledi.

Hormatly Prezidentimiz energetika meselesini aýratyn belläp, Türkmenistanyň tebigy gazyň ägirt uly gorlaryna eýe bolmak bilen, ony halkara bazarlara ibermegiň ugurlaryny diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek syýasatyny durmuşa geçirýändigini hem-de türkmen tebigy gazyny Ýewropa ugruna çykarmaga gönükdirilen taslamalara möhüm ähmiýet berýändigini belledi.

**Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Merkezi Aziýa – Italiýa» görnüşindäki birinji sammite gatnaşmak maksady bilen Gazagystan Respublikasyna iş saparyny amala aşyrdy.**

Wodorod energetikasy bilelikdäki işiň ýene-de bir geljegi uly bolan ugry hökmünde bellenildi. Mälim bolşy ýaly, tebigy gaz ýakyn onýyllyklarda wodorody almagyň esasy çeşmesi bolup galar diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we ýurdumyzyň bu ugurda italiýaly hyzmatdaşlar bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyga taýýardygyny tassyklady.

Hormatly Prezidentimiz ulag özara baglanyşygy baradaky meselä geçip, Türkmenistanyň Aziýa – Ýewropa ugry boýunça hyzmatdaşlygyň täze görnüşlerine gatnaşmaga gyzyklanma bildirýändigini belledi. Döwlet Baştutanymyz öz çykyşynda Merkezi Aziýa bilen Italiýanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň medeni-taryhy ugruna ünsi çekdi. Bilim ulgamy hyzmatdaşlygyň ýene-de bir geljegi uly bolan ugry hökmünde bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň arasyndaky we akademiki hyzmatdaşlygy goldaýandygyny tassyklady hem-de Türkmenistanda italýan dilini öwrenmäge, italýan medeniýetine we sungatyna uly gyzyklanma bildirilýändigini aýdyp, bu işe mundan beýläk-de ýardam ediljekdigini belledi.

Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew hormatly Prezidentimize çuň many-mazmunly çykyşy we beýan eden anyk teklipleri hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlyk baradaky oňyn garaýyşlary üçin hoşallyk bildirdi.

«Merkezi Aziýa – Italiýa» birinji sammitiniň jemleri boýunça Bilelikdäki Jarnama kabul edildi. Hormatly Prezidentimiz Gazagystan Respublikasyna iş saparynyň maksatnamasyny tamamlap, Watanymyza dolanyp geldi.

* * *

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Gazagystan Respublikasyna iş saparynyň çäklerinde Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi bilen Ortaýer deňzini we Gündogary öwreniş halkara assosiasiýasynyň (Italiýa) arasynda arheologiýa barlaglary babatynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşygy; şeýle hem Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi bilen Turiniň Aziýa we Ýakyn Gündogar ýurtlarynda gazuw-agtaryş işleri we arheologiýa barlaglary boýunça merkeziniň (Italiýa) arasynda arheologik barlaglar babatynda hyzmatdaşlygy dowam etdirmek hakynda Ylalaşygy özara alyşmak dabarasy boldy.

### TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI ITALIÝANYŇ PREMÝER-MINISTRI BILEN DUŞUŞDY

«Merkezi Aziýa – Italiýa» görnüşindäki sammite gatnaşmak üçin Gazagystan Respublikasynda iş saparynda bolan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Italiýa Respublikasynyň Premýer-ministri Jorja Meloni bilen duşuşdy. Premýer-ministr Jorja Meloni iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň uzygiderli we uzak möhletleýin esasda ösdürilýändigini kanagatlanma bilen belledi. Döwlet Baştutanymyz energetika we himiýa senagaty, demir ýol üpjünçilik ulgamlarynda, ekologiýa, oba we suw hojalygy ugurlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly mümkinçilikleriň bardygyny aýtdy hem-de şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň italýan tarapynyň tekliplerine garamaga taýýardygyny belledi.



Şeýle hem hormatly Prezidentimiz söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy ulgamlaşdyrmak maksady bilen, hökümetara topary ýa-da işewürlik geňeşi görnüşinde bilelikdäki mehanizmi döretmegi teklip etdi.

Premýer-ministr Jorja Meloni döwlet Baştutanymyzyň tekliplerini goldap, Italiýanyň bu ugurdaky hyzmatdaşlyga taýýardygyny beýan etdi.

Söhbetdeşligiň barşynda dostlukly ýurduň Premýer-ministri hormatly Prezidentimizi özi üçin islendik amatly wagtda Italiýa sapar bilen gelmäge çagyrdy.

## Türkmenistanyň Prezidenti Mongoliýada döwlet saparynda bolar



Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow şu ýylyň 1-2-nji iýunynda Mongoliýa boljak döwlet saparynda bolar. Bu barada Ministrler Kabinetiniň mejlisinde habar berildi. Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistanyň Prezidentiniň şu ýylyň 1-2-nji iýunynda Mongoliýa boljak döwlet saparyna görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. ●2

## Türkmenistandan 2844 adam haj parzy üçin Saud Arabystany gider



Şu günler ýurdumyzyň zyýaratçylary yslam dünýäsiniň mukaddes ýerleri hasaplanylýan Mekge we Medine şäherlerine haj parzlaryny berjaý etmek üçin zyýarata ugradylýar. Bu barada "Türkmenistan" gazeti habar berýär. ●3

## Röwşen Meredow Türkmenistanyň futbol ýygyndysynyň baş tälimçisi boldy



Türkmenistanyň Futbol federasiýasynyň Tehniki direktory, futbol hünärmeni Röwşen Meredow Türkmenistanyň futbol boýunça milli ýygyndy toparynyň baş tälimçisi wezipesine bellenildi. ●4

# Türkmenistan bilen Russiýa ulag hyzmatdaşlygyny maslahatlaşdy

**Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory Mämmethan Çakyýew bilen Russiýa Federasiýasynyň ulag ministri Roman Starowoýtyň arasyndaky wideoaragatnaşyk arkaly iş duşuşygy geçirildi. Bu barada Russiýanyň Ulag ministrliginiň resmi saýtynda habar berilýär.**

**Duşuşygyň dowamynda taraplar iki ýurduň arasyndaky ulag ulgamyndaky hyzmatdaşlygyň esasy ugurlaryny ara alyp maslahatlaşdylar.**

**Duşuşygyň esasy mowzuklarynyň biri halkara ýol ulaglaryny ösdürmekden ybarat boldy.**



**Taraplar Russiýanyň ulag kompaniýalary tarapyndan ýük gatnawynyň mukdaryny artdyrmagyň geljegine, şeýle hem "Demirgazyk-Günorta" halkara ulag geçelgesiniň ýol ugrunyň infrastrukturasynyň ösüşini sinhronlaşdyrmak meselelerine garadylar.**

**Şeýle hem duşuşykda ara alnyp maslahatlaşylan mowzuklaryň ýene-de biri "Demirgazyk-Günorta" halkara ulag geçelgesi boýunça bütewi demir ýol operatoryny döretmek boldy. Bu başlangyç Gazagystanyň we Eýranyň hyzmatdaşlaryndan goldaw aldy.**

**Gepleşikleriň dowamynda rus wekilleri türkmen tarapyny taslama goşulmaga çagyrdy.**

**Iş duşuşygy Türkmenistan bilen Russiýanyň arasynda ulag hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmaga we halkara logistika taslamalaryny ösdürmäge ygrarlydyklaryny tassyklady.**

# "Awaza – dostluk mekany" atly halkara tans we folklor festiwaly geçiriler

**Balkan welaýatynda «Awaza – dostluk mekany» atly halkara tans we folklor festiwaly geçiriler. Bu barada Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa habar berdi.**

**Bellenilişi ýaly, bu halkara çäräni 2 – 7-nji iýun aralygynda "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda geçirmek meýilleşdirilýär. Festiwalyň çäklerinde ýurdumyzyň we daşary döwletleriň tans toparlarynyň gatnaşmagynda "Küştdepdi – parahatçylyk waspçysy" atly halkara maslahaty, bu tans dessurynyň görnüşleriniň görkezme çykyşlaryny, şeýle hem tans we folklor toparlarynyň konsertini guramak göz öňünde tutulýar.Bu festiwal türkmen milli tans sungatyny we gadymy folkloryny dünýä halklary bilen tanyşdyrmaga, halklaryň arasyndaky döredijilik gatnaşyklaryny ösdürmäge ýardam berer. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer hormatly Prezidentimiziň garamagyna degişli teklibi hödürledi.**

**Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy mynasybetli halkara çäreleriň giňden geçirilýändigini, olaryň ýurdumyz bilen dünýä döwletleriniň arasyndaky medeni-ynsanperwer gatnaşyklary has-da ösdürmäge ýardam berýändigini belledi hem-de şunuň bilen baglylykda, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda «Awaza – dostluk mekany» atly halkara tans we folklor festiwalyna goşy taýýarlyk görmegi hem-de ony ýokary derejede geçirmegi wise-premýere tabşyrdy.**

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisiniň barşynda Mejlisiň Başlygy hem-de Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň hasabatlary diňlenildi.

Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa çykyş edip, alnyp barylýan kanun çykaryjylyk işleri barada maglumat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda Mejlisde döredilen iş toparlarynda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamalaryndan we halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryndan ugur alnyp, raýat-hukuk gatnaşyklaryny kämilleşdirmek, adam hukuklaryny we azatlyklaryny hem-de kanuny bähbitlerini goramak, saýlaw ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, ylmy-intellektual eýeçilik gatnaşyklary, wirtual aktiwler we gümrük meseleleri bilen baglanyşykly Türkmenistanyň Kanunlarynyň taslamalaryny taýýarlamak boýunça işler geçirilýär.

**Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.**

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow "Senagat howpsuzlygynyň talaplarynyň berjaý edilişine önümçilik barlagyny guramagyň we amala aşyrmagyň talaplarynyň" taslamasy barada hasabat berdi. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýurdumyzyň senagat desgalarynda howpsuzlyk talaplaryny berjaý etmegiň möhüm ähmiýetini belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow nebit, nebit önümleri we gazhimiýa önümleri daşary ýurtlara ýüklenip iberilende ýük amallaryny geçirmek boýunça kadalaşdyryjy-gözükdiriji resminamalary kämilleşdirmek hem-de döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada durup geçdi.

Mejlisiň barşynda döwlet Baştutanymyza galla oragyna girişmegiň senesini belläp, bu möhüm çärelere ak pata bermek baradaky haýyş bilen ýüzlenildi. Döwlet Baştutanymyz Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, ýurdumyzda oba hojalyk pudagyny ösdürmäge uly üns berilýändigini, döwletimiz tarapyndan ýerden bol hasyl almak boýunça daýhanlarymyz üçin zerur şertleriň döredilýändigini aýtdy. Hormatly Prezidentimiz şu ýyl hem ýurdumyzyň welaýatlarynda gallanyň bol hasylynyň ösdürilip ýetişdirilendigini kanagatlanma bilen belläp, Ahal, Lebap we Mary welaýatlarynda şu ýylyň 4-nji iýunynda, Balkan we Daşoguz welaýatlarynda bolsa 11-nji iýunda galla oragyna başlamaga ak pata berdi.

Döwlet Baştutanymyz hormatly ýaşululardan galla oragyna «Bismilla» bilen başlap bermeklerini haýyş edip, zähmetsöýer gallaçy daýhanlara, ähli oba hojalyk işgärlerine alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Şeýle hem Paýtagtymyzda "Güneşli" çagalar we ýetginjekler merkeziniň täze, döwrebap binasyny gurmak boýunça ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, ýurdumyzyň bilim ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny has-da pugtalandyrmak, ýaş nesliň ukyp-başarnyklaryny açmak, zehinli çagalary ýüze çykarmak maksady bilen, umumy meýdany 4 gektar bolan, şol sanda esasy binany, kitaphanany, sport, medeni çäreleri we oýun üçin meýdançalary, tehniki binalary hem-de desgalary öz içine alýan täze merkezi gurmak meýilleşdirilýär. Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna merkezde ýerleşjek çagalar kitaphanasynda asman giňişligini synlamak üçin obserwatoriýa otagynyň gurnaljakdygy hem-de kitaphananyň döwrebap sanly tehnologiýalar bilen enjamlaşdyryljakdygy barada aýdyldy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa «Awaza – dostluk mekany» atly halkara tans we folklor festiwalyny geçirmäge görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, bu halkara çäräni 2 – 7-nji iýun aralygynda "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda geçirmek meýilleşdirilýär. Festiwalyň çäklerinde ýurdumyzyň we daşary döwletleriň tans toparlarynyň gatnaşmagynda "Küştdepdi – parahatçylyk waspçysy"




atly halkara maslahaty, bu tans dessurynyň görnüşleriniň görkezme çykyşlaryny, şeýle hem tans we folklor toparlarynyň konsertini guramak göz öňünde tutulýar. Bu festiwal türkmen milli tans sungatyny we gadymy folkloryny dünýä halklary bilen tanyşdyrmaga, halklaryň arasyndaky döredijilik gatnaşyklaryny ösdürmäge ýardam berer.

Şeýle hem mejlisiň barşynda Ylymlar güni mynasybetli geçirilmegi meýilleşdirilýän halkara ylmy maslahatlar we dabaraly çäreler barada hasabat berildi. Mundan başga-da, ýurdumyzyň deňiz flotunyň maddy-tehniki binýadyny has-da pugtalandyrmak boýunça ýerine ýetirilýän işler barada aýdyldy.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI MONGOLIÝADA DÖWLET SAPARYNDA BOLAR

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow şu ýylyň 1-2-nji iýunynda Mongoliýa boljak döwlet saparynda bolar. Bu barada Ministrler Kabinetiniň mejlisinde habar berildi. Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistanyň Prezidentiniň şu ýylyň 1-2-nji iýunynda Mongoliýa boljak döwlet saparyna görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, Aziýa we Ýuwaş umman sebitiniň döwletleri bilen dostlukly dialogyň we özara bähbitli hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi ýurdumyzyň daşary syýasy strategiýasynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu ugurda Mongoliýa bilen netijeli hyzmatdaşlyk pugtalandyrylýar. Ýurtlarymyzyň arasynda diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylda ýola goýuldy. Häzirki wagtda döwletara gatnaşyklaryň şertnama-hukuk binýady 11 sany resminama bilen berkidildi.

Türkmen-mongol gatnaşyklaryny işjeňleşdirmekde ýokary derejedäki saparlara hem-de duşuşyklara aýratyn ähmiýet berilýär. Mälim bolşy ýaly, Birleşen Milletler Guramasynyň we Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň çäklerinde iki ýurduň döwlet Baştutanlarynyň 3 duşuşygy guraldy. Mundan başga-da, 2024-nji ýylyň oktýabr aýynda Mongoliýanyň Premýer-ministriniň Türkmenistana döwlet sapary boldy. Şeýle hem hökümetleriň derejesinde we daşary işler ministrlikleriniň arasynda gatnaşyklar ösdürilýär.



Türkmenistan hem-de Mongoliýa halkara guramalaryň, şol sanda BMG-niň we beýleki düzümleriň çäklerinde netijeli hyzmatdaşlyk edip, birek-birege goldaw berýärler. Mongoliýa Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen 16 Kararnamanyň awtordaşlarynyň biri, şol bir wagtda, ýurdumyz hem Mongoliýanyň öňe süren BMG-niň Baş Assambleýasynyň 5 Kararnamasynyň döredijileriniň biri bolup durýar.

Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk barada aýdylanda bolsa, oba hojalygy, maldarçylyk, ýeňil senagat hem-de ulag we logistika ulgamlary ileri tutulýan ugurlardyr. Özara haryt dolanyşygyny artdyrmaga, bu işe kiçi we orta telekeçiligi çekmäge aýratyn üns berilýär. Şunuň bilen bir hatarda, ikitaraplaýyn medeni-ynsanperwer gatnaşyklar hem giňeldilýär. 2015-nji ýylda Türkmenistanyň Mongoliýadaky Medeniýet günleriniň we geçen ýylyň oktýabr aýynda Aşgabatda bilelikdäki medeni çäräniň geçirilmegi munuň aýdyň subutnamasydyr.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň Prezidentiniň Mongoliýa boljak döwlet saparyna taýýarlyk görmek we onuň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmek üçin degişli işler alnyp barlyp, onuň netijesinde saparyň maksatnamasy işlenip taýýarlanyldy. Saparyň dowamynda döwletara gatnaşyklaryň şertnama-hukuk binýadyny pugtalandyrjak ikitaraplaýyn resminamalara gol çekilmegi göz öňünde tutulýar. Şeýle hem saparyň çäklerinde Türkmen-mongol işewürler forumynyň, sungat ussatlarynyň gatnaşmagynda medeni çäräniň, milli amaly-haşam sungatynyň sergisiniň we türkmen halysynyň sergi-ýarmarkasynyň geçirilmegi meýilleşdirilýär.

# TÜRKMENISTANYŇ DOKMA SENAGATY MINISTRINIŇ BELGIÝA SAPARY

Türkmenistan bilen Belgiýa Patyşalygynyň arasyndaky söwda we ykdysady hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagyň çäklerinde dokma senagaty ministri Nurmuhammet Orazgeldiýewiň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiniň dokma inženerçiligi pudagyndaky dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalarynyň biri bolan "Pikanol" şereketiniň ýerleşýän Ips şäherinde iş sapary boldy.

Belgiýa tarapyndan türkmen wekiliýetini "Pikanol" kompaniýasynyň dokma enjamlarynyň satuw müdiri Toni Dekok kabul etdi. Duşuşykda, kompaniýanyň döredilen gününden başlap häzirki ösüş tapgyrlaryna çenli taryhy barada jikme-jik maglumat berdi.

Saparyň dowamynda türkmen wekiliýetiniň agzalary häzirki zaman dokma enjamlarynyň işlenip taýýarlanylýan we öndürilýän kärhanasynyň önümçilik bölegi bilen tanyşdylar. Belgiýa tarapy dokma senagaty üçin enjamlary öndürmekde ulanylýan tehnologiýalaryň, önümçilik işleriniň we innowasion çözgütleriň giňişleýin tanyşdyrylyş dabarasyny geçirdi.

"Pikanol" kompaniýasy bilen Türkmenistanyň dokma kärhanalarynyň arasyndaky 20 ýyllyk hyzmatdaşlygyň üstünlikli tejribesine aýratyn üns berildi. Türkmen tarapy "Pikanol" kompaniýasynyň enjamlarynyň hiline ýokary baha berdi, köp ýyllaryň dowamynda özüni ygtybarly, täsirli we dokma pudagynyň häzirki talaplaryna laýyk gelýändigini subut etdi.

Türkmen tarapy goşmaça dokma enjamlaryny satyn almaga, şeýle hem Türkmenistandaky birnäçe dokma kärhanalarynda oturdylan eýýäm işleýän enjamlary döwrebaplaşdyrmaga taýýardygyny mälim etdi. Bu pudagyň önümçilik mümkinçiligi berkitmäge, türkmen dokma önümleriniň halkara bazarlarynda netijeliligini we bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Gepleşikleriň dowamynda tehniki goldawyň we işgärleri taýýarlamagyň mümkin görnüşleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Bu sapar, Türkmenistan bilen Ýewropanyň öňdebaryjy öndürijileriniň arasyndaky senagat hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmak, Türkmenistanyň dokma senagatynyň durnukly ösüşi üçin täze gözýetimleri açmak üçin ýene bir ädim boldy.

# Aziýanyň ösüş banky Arkadag şäherinde Gün panellerini ornaşdyrmaga goldaw berýär

Aziýanyň ösüş banky (AÖB), durnukly ösüşi üpjün etmek, energiýanyň netijeliligini ýokarlandyrmak we pes uglerodly ykdysadyýete geçişi çaltlaşdyrmak üçin energiýa pudagynda üýtgeýän başlangyçlara ünsi jemläp, Türkmenistan bilen berk hyzmatdaşlygy ýola goýdy.

Aşgabat şäheriniň güni mynasybetli geçirilen "Ak şäherim Aşgabat" atly halkara maslahatda eden çykyşynda Aziýanyň ösüş bankynyň Türkmenistandaky hemişelik wekilhanasynyň direktory Artur Andrisiak Türkmenistanyň energiýa infrastrukturasyny döwrebaplaşdyrmak, energiýa bazarlaryny diwersifikasiýa etmek we dikeldilýän energiýa çözgütlerini birleşdirmek baradaky başlangyçlaryny goldaýandygyny aýtdy.




Aziýanyň esasy maliýe edarasy Türkmenistanyň gaýtadan dikeldiýän energiýa çeşmeler, hususan-da Gün we ýel energetikasy, milli energoulgamy döwrebaplaşdyrmak ugrundaky başlangyçlaryny goldap, maliýe serişdelerini gönükdirýär.

☑ **Gün energetikasy ösdürmek:** *Aziýanyň ösüş banky Arkadag şäherinde Gün energetika ulgamyny ornaşdyrmak üçin 1 million dollar möçberinde tehniki kömek serişdesini gönükdirýär. Bu öz gezeginde Arkadga şäherinde Gün fitoelektrik panellerini ornaşdyrmak üçin ulanylyp, ol hem beýleki şäherler, hususan-da Aşgabat üçin nusga bolup biler. Bank şol bir wagtda Türkmenistanyň Energetika ministrliginiň hem-de "Türkmenenergo" edarasynyň ýolbaşçy düzümi üçin Özbegistan, Daniýa we Norwegiýa ýaly ýurtlara tanyşdyrylyş saparlaryny gurnady. Bu hem Gün energetika babatda dünýäniň öňdebaryjy tejribesini öwrenmäge mümkinçilik berdi.*

☑ **Ýel energetikasyny öwrenmek:** *Şeýle hem Aziýanyň ösüş banky Türkmenistanyň ýel energetika mümkinçiliklerine baha bermek üçin 750 müň dollarlyk tehniki kömegi gönükdirdi. Bu tagallalar ýurduň energetika deňagramlylygyny diwersifikasiýalaşdyrmaga gönükdirilendir.*

☑ **Energoulgamy döwrebaplaşdyrmak:** *AÖB ygtybarlylygy we netijeliligi ýokarlandyrmak, gaýtadan dikeldilýän energiýany has gowy birleşdirmek we elektrik eksportyny goldamak üçin Türkmenistanyň energoulgamyny döwrebaplaşdyrmak üçin maýa goýýar.*

Mälim bolşy ýaly, golaýda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komiteti bilen Aziýanyň ösüş bankynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekilipdi.

# Türkmenistandan 2844 adam haj parzy üçin Saud Arabystany gider

Şu günler ýurdumyzyň zyýaratçylary yslam dünýäsiniň mukaddes ýerleri hasaplanylýan Mekge we Medine şäherlerine haj parzlaryny berjaý etmek üçin zyýarata ugradylýar. Bu barada "Türkmenistan" gazeti habar berýär.

Türkmenistanyň müftüsiniň müdiriýeti tarapyndan şu ýylyň haj möwsüminde ýurdumyz boýunça jemi 2844 adamy, şol sanda döwlet tarapyndan 289 hem-de raýatlaryň öz serişdeleriniň hasabyna 2555 ildeşimizi haj parzyny berjaý etmek üçin Saud Arabystany Patyşalygyna ibermek bellenildi. Olar sekiz topara bölünip, kesgitlenen tertipnama boýunça yslam dünýäsiniň iň mukaddes saýylýan ýerlerinde zyýaratda bolarlar. Munuň özi eziz Watanymyzda asylly ýörelgeleriň rowaçlyklara beslenýändiginiň, halkymyzyň bagtyýar durmuşy, dini parzlaryň berjaý edilmegi ugrunda zerur şertleriň döredilýändiginiň aýdyň güwäsidir.

Ýurdumyzyň ähli welaýatlaryndan we paýtagtymyzdan bolan zyýaratçylar musulmanlaryň esasy baýramlarynyň biri – Gurban baýramynyň sahawatly günlerinde dünýä ýurtlaryndan barýan zyýaratçylaryň millionlarçasy bilen bir hatarda, Mekgede hem-de Medinede haj parzyny ýerine ýetirerler. Medinede zyýaratçylar Muhammet pygamberiň, onuň egindeşleriniň ruhlarynyň aram tapan ýerlerine, dünýä belli metjitlere we beýleki mukaddes ýerlere zyýarat ederler. Olar haj parzynyň berjaý ediljek ýeri bolan Mekgede Zem-Zem çeşmesi, Al-Haram metjidi ýaly yslam dünýäsiniň baş mukaddesliklerine togap edip, mukaddes Käbäniň daşyndan aýlanarlar.



# Aşgabatda "Türkmentextile Expo-2025" halkara sergisi geçiriler

2025-nji ýylyň 11-13-nji iýuny aralygynda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda ýurdumyzyň dokma senagatynyň iň täze üstünlikleri we halkara hyzmatdaşlygynda ýeten sepgitleri bilen tanyşdyrýan "Türkmentextile Expo-2025" atly halkara sergi-ýarmarkasy geçiriler.




Sergide dokma senagatynyň giň ugurlary – tebigy süýümleri gaýtadan işlemek, egin-eşik we aýakgap önümçiligi, öý dokma önümleri, ätiýaçlyk şaýlary, himiki serişdeler we boýaglar, bezeg önümleri ýaly dürli ugurlar görkeziler. Şeýle hem sergä gatnaşýan kompaniýalar tarapyndan iň täze innowasion tehnologiýalar hödürlener.

"Türkmentextile Expo-2025" atly halkara sergisi diňe bir ýurdumyzyň dokma senagatynyň mümkinçiliklerini görkezmek bilen çäklenmän, eýsem, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmak üçin hem möhüm işewür meýdança öwrüler. Çäre gatnaşyjylara innowasion çözgütler bilen tanyşmaga hem-de tejribe alyşmaga giň mümkinçilikleri döreder.

Bu halkara çäräni dünýäniň dürli ýurtlaryndan dokma senagatyna degişli kompaniýalaryň, önüm öndürijileriň we hünärmenleriň gatnaşmagynda ýokary derejede geçirmek meýilleşdirilýär.

# Türkmenistan-Türkiýe: bilim hyzmatdaşlygynda täze teklipler

Ozal habar berşimiz ýaly, Türkiýe Respublikasynyň Ýokary okuw guramasynyň müdiriýetiniň başlygy Erol Özwaryň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet iş sapary bilen Bitarap Türkmenistanyň paýtagty Aşgabatda bolýar.

2025-nji ýylyň 22-nji maýynda Türkiýe Respublikasynyň Ýokary okuw guramasynyň müdiriýetiniň başlygy Erol Özwaryň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetiň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Baýramgül Orazdurdyýewa hem-de Türkmenistanyň bilim ministri Jumamyrat Gurbangeldiýew bilen duşuşygy geçirildi.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa Türkmenistanyň ýokary hünär bilimi boýunça türkmen-türk hyzmatdaşlygyny has-da ösdürmegi maksat edinýändigini, bu babatda iki tarap üçin hem özara bähbitli ugurlar boýunça pikir alyşmaga doly taýýardygyny belledi.

Söhbetdeşligiň dowamynda 2023-nji ýylyň 26-njy oktýabrynda gol çekilen «Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen Türkiýe Respublikasynyň Ýokary okuw guramasynyň müdiriýetiniň arasynda ýokary okuw bilim ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama» esasynda bilelikde durmuşa geçiriljek çärelere has-da üns çekildi.

Iki ýurduň ýokary hünär bilimi edaralarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy has-da işjeňleşdirmek, geljekki hereketleri meýilleşdirmek hem-de 2025-2026-njy ýyllar üçin Ýol kartasyny düzmek teklip edildi.

Duşuşygyň dowamynda Türkiýe Respublikasynyň Ýokary okuw guramasynyň müdiriýetiniň başlygy Erol Özwar tarapyndan hyzmatdaşlygy giňeltmegiň meseleleri bilen bagly birnäçe teklipler türkmen tarapyna hödürlenildi.

**OLARYŇ HATARYNDA:**

☑ Türkmenistanda Türkiýe Respubikasynyň ýokary okuw mekdepleriniň şahamçalaryny we bilelikdäki bilim maksatnamalaryny açmak babatda özara düşünişmek hakynda Ähtnamany taýýarlamak;

☑ türkmen ýaşlarynyň bilim almagy üçin Türkiýe Respublikasynyň ýokary okuw mekdeplerinde talyp ýerleriniň bölünip berilmegi;

☑ Türkiýe Respublikasynyň ýokary okuw mekdepleriniň sanly bilim hem-de «emeli intellekt» tehnologiýalary boýunça gazanan üstünliklerini öwrenmek we tejribe alyşmak;

☑ Türkiýe Respublikasynyň bilim edaralary bilen iki ýurduň edebiýatyna, taryhyna, medeniýetine, Türkmenistanyň hem-de Türkiýe Respublikasynyň syýasy, ykdysady we medeni durmuşyna dahylly bilelikdäki ylmy-barlaglary alyp barmak ýaly teklipleri görkezmek bolar.



Beýan edilen teklipler goldanyp, iki tarap hem bu teklipleriň esasynda gysga wagtyň içinde Ýol kartasyny taýýarlamak hem-de diplomatik ýollar arkaly gutarnykly görnüşde hödürlemek meselesinde özara ylalaşdylar.

Netijeli geçirilen duşuşyklaryň dowamynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa Türkiýe Respublikasynyň Ýokary okuw guramasyny şu ýylyň oktýabr aýynda geçiriljek «Saglygy goraýyş, bilim we sport Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe» atly halkara sergisine we ylmy maslahatyna gatnaşmaga çagyrdy.

# Aşgabat şäheri üçin 60 million dollarlyk jemagat tehnikalar satyn alnar

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe jemagat hojalygy pudagyny ösdürmek, ilatymyza edilýän jemagat-durmuş hyzmatlarynyň derejesini has-da ýokarlandyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, Aşgabat şäheriniň häkimligine jemagat hyzmatlaryny ýerine ýetirýän ýöriteleşdirilen awtoulaglary, jemagat tehnikalaryny we enjamlary hem-de olaryň ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak barada Hytaý Halk Respublikasynyň «Changsha Zoomlion Environmental Industry Co., Ltd» kompaniýasy bilen şertnama baglaşmaga ygtyýar berildi.



Şunuň bilen baglylykda, düýn geçirilen "Ak şäherim Aşgabat" atly maslahatda bu ugurda degişli ylalaşyklara gol çekildi.

Aşgabat şäheriniň häkimligi bilen Hytaý Halk Respublikasynyň «Changsha Zoomlion Environmental Industry Co., Ltd» kompaniýasynyň arasynda ýöriteleşdirilen awtoulaglary, jemagat tehnikalaryny we enjamlary, olaryň ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak barada şertnamalara gol çekildi.

Maslahatda çykyş eden hytaý kompaniýasynyň ýerine ýetiriji wise-prezidenti Kris Fu umumy bahasy 60 million dollara barabar bolan ekologik taýdan arassa tehnikalar getiriljekdigini mälim etdi.

Gazanylan ylalaşyga laýyklykda, getiriljek ýöriteleşdirilen awtoulaglary, jemagat tehnikalary Türkmenistanyň howa şertlerine laýyk geler.

# «Daewoo Engineering» kompaniýasy Türkmenabat şäherinde dökün öndürýän toplumy gurar

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň oba hojalyk önüm öndürijilerini zerur bolan fosforly dökünler bilen üpjün etmek hem-de mineral dökünleriň täze görnüşini öndürmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, «Türkmenhimiýa» döwlet konsernine Türkmenabatdaky S.A.Nyýazow adyndaky himiýa zawodynda ýylda 350 müň tonna superfosfat we 100 müň tonna ammoniý sulfaty dökünlerini öndürýän toplumyň taslamasyny düzmek we ony gurmak barada Koreýa Respublikasynyň «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd» kompaniýasy bilen şertnama baglaşmaga ygtyýar berildi.



Şunuň bilen baglylykda, düýn geçirilen "Ak şäherim Aşgabat" atly maslahatda bu ugurda degişli ylalaşyklara gol çekildi.

# Aliýew we Ärdogan howa menziliniň açylyş dabarasyna gatnaşdy

Azerbaýjanyň Garaşsyzlyk gününde Laçin etrabynda gurlan halkara howa menziliniň açylyş dabaraýs geçirildi. Oňa Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýew bilen Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogan gatnaşdylar.

Prezidentler howa menziliniň açylandygynyň alamatlandyrýan toý bagyny kesdiler. Olara Laçyn halkara howa menziliniň nyşanly açarlary gowşuryldy. Döwlet Baştutanlary täze howa menzilinde döredilen şertler bilen tanyşdylar.

Bu möhüm infrastruktura desgasy 2021-nji ýylyň awgust aýynda gurulyp başlandy. Howa menziliniň düýbi Prezident Ilham Aliýew we onuň










maşgalasy Mehriban Aliýewa tarapyndan tutulypdy.

Howa menzilinde uzynlygy 3000 metr we ini 60 metr bolan uçuş-gonuş zolagy gurlup, ähli görnüşli uçarlary kabul etmäge mümkinçilik döredilýär. 5000 inedördül metr meýdany bolan terminal bir sagatda azyndan 200 ýolagçyny kabul edip bilýär. Terminalda "VIP-zaly", hasaba alyş we howpsuzlyk ulgamlary, ýük kabul ediş nokatlary, söwda nokatlary hem-de garbanyşhana bar.

Halkara howpsuzlyk kadalaryna laýyk dolandyrylýan awtomatlaşdyrylan uçuş dolandyryş diňi hem guruldy. Bu ýerlerde döredilen infrastruktura ICAO we IATA standartlaryna laýyklykda howpsuz uçuşlary üpjün edýär.

Laçin etrabynyň Gorçu obasynda, deňiz derejesinden 1700 metr belentlikde ýerleşýän howa menzili 130 gektardan gowrak meýdany eýeleýär. Bu howa menzili Azerbaýjanyň iň beýik belentliginde ýerleşýän howa menzilidir. Laçin şäherinden 30 km, Şuşa şäherinden 70 km, Kelbažardan 60 km uzaklykda ýerleşýär.

# Röwşen Meredow Türkmenistanyň futbol ýygyndysynyň baş tälimçisi boldy

Türkmenistanyň Futbol federasiýasynyň Tehniki direktory, futbol hünärmeni Röwşen Meredow Türkmenistanyň futbol boýunça milli ýygyndy toparynyň baş tälimçisi wezipesine bellenildi.

Futbol ýoluny 1999-njy ýylda Balkanabat şäheriniň "Nebitçi" toparynda başlan R.Meredow dürli ýyllarda "Dagdan", "Galkan", "Ahal" hem-de "Ýedigen" toparlarynda çykyş etdi.



Futbol maşgalasyndan bolan R.Meredow karýerasyny tamamlanyndan soň tälimçilik ýoluny saýlap aldy. PRO derejeli tälimçilik şahadatnamasy bolan R.Meredow 2013 – 2020-nji ýyllaryň aralygynda paýtagtymyzyň "Ýedigen" hem-de Ahal welaýatynyň "Ahal" toparlaryna tälim berdi. Onuň ýolbaşçylygyndaky toparlar dürli ýyllarda ýurdumyzyň çempionatynda baýrakly orunlary eýeledi. 2017-nji ýylda "Ahal" topary Türkmenistanyň Kubogyna mynasyp boldy.

R.Meredowyň tälim berýän "Ýedigen" toparynyň 2014-nji ýylda AFK-nyň Prezidentiniň Kubogynda ýeňiş gazanandygyny aýratyn bellemek gerek.

Tejribeli tälimçi 2020-nji ýylyň futbol möwsüminde Özbegistanyň "Kyzylkum", 2022-nji ýylda bolsa Gyrgyz Respublikasynyň "Kanagat" toparlaryny türgenleşdirdi.

Şu ýylyň başynda R.Meredowyň TFF-niň Tehniki direktorynyň wezipesinde zähmet çekip gelýändigini bellemek gerek.

Futbol hünärmeni, şeýle-de, 2020-nji ýyldan häzirki wagta çenli FIFA-nyň GFD (Global futbol ösüşi) bölüminde tehniki eksperti wezipesinde işleýär. Ol bu wezipede dünýä belli futbol hünärmeni Arsen Wengeriň ýolbaşçylygynda zähmet çekýär.

# Türkmenistanyň zenanlar ýygyndysyna täze tälimçi bellendi

Futbol hünärmeni, 45 ýaşly Boris Borowik Türkmenistanyň zenanlar ýygyndy toparynyň baş tälimçisi wezipesine bellenildi.



Häzirki wagtda Türkmenistanyň Futbol federasiýasynda zähmet çekýän B.Borowik "Nisa", "Gazçy", Merw" hem-de "Aşgabat" toparlarynda, şeýle-de, Özbegistanyň futbol çempionatynyň wekilleri "Andijan" hem-de "Şurtan" toparlarynda çykyş etdi.

Türkmenistanyň futbol boýunça milli ýygyndy toparynda hem çykyş eden B.Borowik çykyş eden toparlary bilen Türkmenistanyň futbol çempionatynda birnäçe gezek baýrakly orunlara mynasyp boldy.

# Türkmenistan bilen Katar futbol hyzmatdaşlygyny pugtalandyrýar

Türkmenistanyň Futbol federasiýasy bilen Kataryň Futbol assosiasiýasy futbol boýunça ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen hyzmatdaşlyk şertnamasyna gol çekdiler. Gol çekişlik dabarasy Kataryň paýtagty Doha şäherindäki Kataryň Futbol assosiasiýasynyň Al-Bidda binasyndaky merkezi edarasynda geçirildi.



Kataryň Futbol assosiasiýasynyň ýolbaşçysy Jassim ben Raşid Al Buenaýn bilen Türkmenistanyň Futbol federasiýasynyň ýolbaşçysy Guwançmuhammet Öwekow degişli ylalaşyga gol çekdiler. Dabara gatnaşanlaryň hatarynda her iki ýurduň futbol guramalarynyň baş sekretarlary Mansur Al-Ansari hem-de Serdar Geldiýew hem bar.

Gol çekilen ylalaşyk Kataryň Futbol assosiasiýasynyň Aziýanyň futbol federasiýalary bilen hyzmatdaşlkygyny giňeltmek hem-de Aziýanyň dostlukly döwletleri boýunça kärdeşleri bilen gatnaşyklaryny pugtalandyrmak babatda alyp barýan strategiýasynyň nobatdaky ädimine öwrüldi.

# "Çelsi" topary UEFA-nyň Konferensiýa ligasynyň kubogyny gazandy

Angliýanyň "Çelsi" topary UEFA-nyň Konferensiýa Ligasynyň kubogynyň finalynda Ispaniýanyň "Betis" toparyny 4:1 hasabynda utup, UEFA-nyň 3-nji derejeli kubogyny gazandy.

Final duşuşygy Polşanyň Wroslaw şäheriniň stadionynda geçirildi. "Çelsiniň" düzüminde Enso Fernandes, Nikolas Jekson, Jeýdon Sanço we Moýses Kaýsedo tapawutlandy.



Ispan toparynyň ýeke-täk goluny Abde geçirdi.

"Çelsi" we "Betis" toparlary ilkinji gezek Konferensiýa ligasynda çykyş etdiler. Iňlis topary bu kubogy ilkinji gezek gazandy.

Şeýle hem Angliýanyň "Çelsi" topary bu kubogy gazanmak bilen, UEFA-nyň 5 kubogyny hem gazanan ilkinji topar boldy. Çempionlar ligasynyň, Ýewropa Ligasynyň, UEFA-nyň Superkubogyny gazanypdy.

"Çelsi" we "Betis" toparlary toparlary özara 5-nji duşuşygy geçirdi. London kluby 4 gezek ýeňiş gazandy. toparlaryň arasyndaky soňky duşuşyk 2005-nji ýylda geçirilipdi.

Konferensiýa Ligasy – Ýewropanyň klublar derejesindäki 3-nji derejeli kubogydyr. UEFA tarapyndan klublar derejesinde Çempionlar Ligasy, Ýewropa Ligasy hem-de Konferensiýa Ligasy boýunça ýaryş guralýar.

Konferensiýa ligasynyň kubogy ugrundkay ýaryş 2021/22-nji möwsümde başlady. Bu kubogy ilkinji bolup, Italiýanyň "Roma" topary eýeledi. Soňra Angliýanyň "West Hem" hem-de Gresiýanyň "Olimpiakos" toparlary bu kubogy gazanmagy başardy.

# Makron: Fransiýa bilen Wýetnam €9 milliardlyk şertnama baglaşdy

Fransiýa bilen Wýetnam jemi bahasy €9 milliard bolan şertnamalary baglaşdy. Bu barada Sosialistik Respublika döwlet saparyny amala aşyran Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron žurnalistlere habar berdi.

"Bu saparyň çäklerinde €9 milliardlyk şertnamalar gol çekildi" diýip, Makron aýtdy. Onuň çykyşynyň wideoýazgysy Ýelisey köşgüniň "X" jemgyýetçilik torunyň sahypasynda görkezildi.

– Şertnamalar howa ulaglary we demir ýol pudaklary bilen bir hatarda, ähli esasy ugurlar boýunça baglaşyldy. Bu şertnamalar goranyş, awiasiýa we energetika ýaly ugurlarda iki döwletiň arasyndaky berk gatnaşyklaryň nyşanydyr – diýip, Makron belledi.

Fransiýa häzirki wagtda Wýetnamyň Ýewropadaky bäşinji uly söwda hyzmatdaşydyr. 2024-nji ýylda iki ýurduň arasyndaky haryt dolanyşygy $5,42 milliard bolup, 2023-nji ýyl bilen deňeşdirilende 12,9% artdy. Fransiýa häzirki wagtda Wýetnama maýa goýýan 147 ýurduň we sebitiň arasynda 16-njy orunda durýar. Ol ýerde Fransiýanyň jemi $3,95 milliard möçberindäki 700 sany maýa goýum taslamasy hereket edýär.



Şeýle hem Fransiýa Wýetnama dürli grant kömeklerini amala aşyrmakda öňdebaryjy Ýewropa ýurdudyr. Pariž Hanoýa €16,7 milliard möçberinde ýeňillikli karz berip, infrastruktura, oba hojalygy, ýaşyl senagat, maliýe we tehnologiýa geçirijilik ugurlaryndaky taslamalara aýratyn ähmiýet berýär.

# Lamin Ýamal şertnamasyny uzaltdy

Ispaniýanyň "Barselona" futbol kluby ýaş hüjümçisi Lamin Ýamal bilen şertnamasyny uzaltdy. Bu barada katalon toparynyň metbugat gullugy habar berýär. Täze şertnama 2031-nji ýylyň iýunyna çenli niýetlenendir.

Ýamala häzirki wagtda 17 ýaşyndadyr we ol "Barselona" toparynyň ýaşlar toparyndan ýetişip çykdy. Ol 2024/25-nji möwsüminde topar bilen bilelikde Ispaniýanyň çempiony, Kubogynyň hem-de Superkubogynyň eýesi boldy. Geçen möwsümde futbolçy "Barselonanyň" düzüminde 55 oýna gatnaşyp, 18 gol geçirdi we 25 goluň geçmegine ýardam etdi.



Ispaniýanyň milli ýygyndysy bilen bilelikde hüjümçi 2024-nji ýylda Ýewropa çempiony boldy we ýaryşyň iň gowy ýaş oýunçusy hökmünde ygran edildi. Milli ýygyndynyň düzüminde ol 19 duşuşyk geçirdi, 4 gol geçirdi we 9 gol pasyny berdi. 2024-nji ýylyň oktýabrynda oňa "France Football" žurnaly tarapyndan dünýäniň iň gowy ýaş futbolçysy diýen at berildi, noýabrda bolsa ol "Golden Boy" baýragynyň eýesi boldy.

# Messi we Suares öz futbol toparyny döretdiler

MLS-iň (Amerikanyň Baş futbol ligasy) "Inter Maýami" klubynyň oýunçylary – sekiz gezek "Altyn topuň" eýesi argentinaly Lionel Messi we Ispaniýanyň "Barselona" topary bäş gezek çempion bolan urugwaýly Luis Suares özleriniň futbol klubuny döretdiler. Bu barada Suares "X" jemgyýetçilik tory arkaly habar berdi.

Täze topar "Deportivo LSM" adyny aldy we ol Urugwaýyň çempionatynyň güýç derejesi boýunça dördünji diwizionynda çykyş eder. "LSM" gysgaldylmasy futbolçylaryň atlarynyň baş harpyndan emele gelýär.



"Şu gün men urugwaý futbolyna täze ýetginjekleri we çagalary çekmek mümkinçiliklerini hödürlemek isleýärin. Şonuň üçin biz täze döreden toparymyz bilen bilelikde Urugwaýyň Futbol federasiýasynyň guramagyndaky ýaryşlara gatnaşmagy makul bildik. Bu biziň üçin uly ylham çeşmesi we meniň hem-de maşgalamyň bu taslama bolan ýnamymyz öňe uly ädim ätmäge mümkinçilik berýär" diýip, Suares aýtdy.

# Gazagystan bilen Italiýa 180 million ýewrolyk şertnamalara gol çekdiler

Astanada geçirilen işewürlik forumynyň netijesi boýunça Gazagystan bilen Italiýa 180 million ýewro möçberinde 10 ähtnama baglaşdylar.



Gol çekilen resminamalaryň çäklerinde bilelikdäki maýa goýum gaznasynyň döredilmegi, "Digital Supply Chain 4.0" platformasynyň ösdürilmegi, bilelikde töwekgelçilikleriň ätiýaçlandyrylmagy we ESG boýunça ýol kartasynyň taýýarlanmagy göz öňünde tutulýar.

Resminamalaryň bir bölegi oba hojalyk pudagynda hyzmatdaşlygy nazarlaýar. Hususan-da, Gazagystandan Italiýa ekologiýa taýdan arassa önümleriň iberilişini artdyrmaga we bilelikdäki gaýtadan işleýän önümçilikleriň işe girizilmegine taýýar.

Bellenilip geçilýär, 2024-nji ýylyň jemlerine görä, Gazagystan bilen Italiýanyň arasyndaky haryt dolanyşygy 19,9 milliard ABŞ dollaryna barabar boldy.

cmyk